Raýatlaryň birek-biregiňkä gitmegi hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky

YLALAŞYK

Mundan beýläk Taraplar diýlip atlandyrylýan **Türkmenistanyň Hökümeti we Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümeti,**

iki döwletiň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary ösdürmek maksady bilen,

ikitaraplaýyn syýasy, ykdysady, söwda, ylmy-tehniki we medeni aragatnaşyklary pugtalandyrmaga çalşyp,

şu aşakdakylar hakynda ylalaşdylar:

1-madda

Taraplaryň biriniň döwletiniň raýatlary 1 we 2 Goşundylarda sanalyp geçilen hakyky resmi kagyzlar boýunça we şu Ylalaşykda göz öňünde tutulan şertlerde beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerine gelyärler, çäklerinden gidýärler, çäklerinde bolýarlar we çäkleriniň üsti bilen geçýärler.

2- madda

1. Bir Tarapyň döwletiniň hakyky diplomatik ýa-da gulluk pasportlarynyň eýeleri bolan raýatlary serhetden geçen pursatyndan başlap otuz günüň dowamynda degişlilikde wizasyz beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerine gelýärler, çäklerinden gidýärler, çäklerinde bolýarlar, şeýle hem çäkleriniň üsti bilen geçýärler.

2. Eger Taraplaryň şu maddanyň 1-punktunda görkezilen raýatlary beýleki Tarapyň çäklerinde otuz günden köp bolmagy maksat edinse, şeýle halatda wiza almak üçin olar raýatlary bolup durýan Tarapyň diplomatik wekilçiligine ýa-da konsullyk edarasyna ýazmaça ýüz tutmak zerurdyr.

3- madda

1. Bir Tarapyň döwletiniň hakyky diplomatik ýa-da gulluk pasportlaryna eýelik edýän we beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerinde bolan öz diplomatik wekilçiliklerniň we konsullyk edaralarynyň, resmi wekilçilikleriň, şeýle hem halkara guramalarynyň işgärleri bolup durýan raýatlary tutuş işleýän döwri üçin wizasyz beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerine gelýärler, çäklerinden gidýärler we çäklerinde bolýarlar.

2. Şu maddanyň 1-punktunyň düzgünleri görkezilen raýatlaryň resmi taýdan bolunýan wagtda olar bilen bile ýaşaýan maşgala agzalaryna hem degişli edilýär.

3. Şu maddanyň 1 we 2-punktlarynda görkezilen adamlary bolunýan döwletiň Daşary işler ministrligi resmi taýdan degişli ýagdaýda bellemelidir.

4- madda

Şular:

a) hakyky milli pasportlary boýunça we baş deklarasiýada (uçuş

tabşyrygynda) ýazgy bar mahaly raýat awiasiýasynyň howa gämisiniň ekipažlarynyň agzalary;

b) deňizçileriň hakyky pasportary boýunça we gämi rolunda ýazgylar ýada olardan göçürmeler bar mahaly deňiz hem-de derýa gämileriniň ekipažlarynyň agzalary;

ç) hakyky milli pasportary we her bir reýs üçin tassyklanylýan atly sanawlar, marşrut listleri boýunça demir ýollaryň otly, refrižerator we lokomotiw brigadalarynyň işgärleri;

d) hakyky milli rasportlary we Taraplaryň ygtyýarly edaralary tarapyndan berilýän degişli resmi kagyzlar boýunça hökümetara feldýegerçilik gulluklarynyň (hökümet çapar aragatnaşygynyň) işgärleri üçin şu Ylalaşygyň 1 we 2-maddalarynda sanalyp geçilen resmi kagyzlar boýunça gelmegiň wizasyz tertibi saklanyp galýar.

5- madda

Taraplaryň biriniň döwletiniň raýatlary beýleki Tarapyň döwletiniň wizasyny almak üçin onuň diplomatik wekilçiligine ýa-da konsullyk edarasyna kabul edýän döwletiň degişli edara görnüşindäki tarapdan ýa-da şahsy adamyndan alnan we şu döwletiň kanunlaryna laýyklykda resmileşdirilen çakylygy görkezmäge borçludyrlar, şu Ylalaşykda görkezilen halatlar muňa girmeýär.

6- madda

Taraplaryň her biri beýleki Tarapyň döwletiniň turizm ugry boýunça gezelençleri amala aşyrýan raýatlaryna wizalary resmileşdirmegiň ýönekeýleşdirilen tertibini ulanar.

Taraplar ýönekeýleşdirmegiň usulyny diplomatik kanallar boýunça resmi namalary alyşmak arkaly ylalaşarlar.

7- madda

Ynsanperwer häsiýetli gaýragoýulmasyz halatlarda Taraplaryň ygtyýarly edaralary Taraplaryň ygtyýarly edaralarynyň beren tassyklaýjy resmi kagyzyny görkezmegi boýunça agyr keselli maşgala agzasynyň ýa-da ýakyn dogan-garyndaşynyň ýanyna baryp görmek maksady bilen, maşgala agzasyny ýa-da ýakyn dogan-garyndaşyny jaýlamaga gatnaşmak üçin gidýän adamlara 24 sagadyň dowamynda mugt wizalary bererler.

8- madda

Taraplar wizalaryň berilmegi üçin şular barada ýeňillikli nyrhlary özara esasda ulanarlar:

Taraplaryň şertnamalaryna we ylalaşyklaryna laýyklykda ylym, tehnika, bilim, medeniýet, sungat we sport babatda alyşmak tertibinde gidýän adamlar;

ýakyn dogan-garyndaşlarynyň jaýlanan ýerini tassyklaýan resmi kagyzy bar mahaly şolaryň mazarlaryna barýän adamlar (edi güne çenli we ýylda bir gezekden köp bolmadyk).

9- madda

Taraplaryň ygtyýarly edaralary kabul edýän döwletiň çäklerinde hemişelik ýaşaýan ýakyn dogan-garyndaşlary bolan adamlara şol dogan-garyndaşlaryndan gelen, şol döwletiň kanunlaryna laýyklykda güwä geçilen çakylyklary görkezmegi boýunça bir ýylyň dowamynda hakyky möhleti bolan köp gezeklik wizalary bererler.

10- madda

Konsullyk ýygymlarynyň nyrhlaryny Taraplar özara şertlerde diplomatik kanallar boýunça resmi namalary alyşmak arkaly belleýär.

11- madda

Wizalaryň berlendigi üçin konsullyk ýygymlary Taraplaryň biriniň döwletiniň beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerindäki okuw jaýlarynda okaýan raýatlaryndan alynmaz.

12- madda

Iki Tarapyň döwletleriniň şu Ylalaşygyň täsiri degişli edilýän raýatlary Taraplaryň milli kanunlaryna laýyklykda, döwlet serhedinden geçilen mahaly zerur resmilikleri berjaý etmek bilen, halkara gatnawlary üçin kesgitlenilen geçitleriň üsti bilen Taraplaryň biriniň döwletiniň çäklerine gelip, çäklerinden gidip we çäkleriniň üsti bilen geçip bilerler.

13- madda

1. Taraplaryň her biriniň döwletiniň raýatlary beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerinde bolan mahaly şol Tarapyň döwletiniň kanunlaryny we kadalaryny, şol sanda daşary ýurtly raýatlar üçin bellenilen bellige almagyň, bolmagyň we hereket etmegiň kadalaryny berjaý ederler.

2. Şu Ylalaşyk Taraplaryň beýleki Tarapyň döwletiniň öz çäklerinde bolmagy islenilmeýän raýatlarynyň gelmeginden boýun gaçyrmaga ýa-da olaryň bolmagynyň möhletini çäklendirmäge bolan hukugyna täsir etmeýär. Taraplaryň her biri bolmaly möhletine çenli beýleki döwletden çykmak bellenilen ýa-da çykaryljak öz raýatlaryny şert goýmazdan we islendik wagtda kabul eder.

14- madda

Aýratyn halatlarda (milli howpsuzlyga, jemgyýetçilik tertibine ýa-da raýatlaryň saglygyna wehim ýüze çykanda, şol sanda epidemiýalar, tebigy betbagtçylyklar ýüze çykanda) Taraplar şu Ylalaşygyň güýjüni wagtlaýyn, doly ýa-da kem-käs duruzmak hukugyny özünde saklaýarlar. Şu Ylalaşygyň güýjüni duruzmak barada hem, onuň dikeldilmegi barada hem Taraplar mümkinçilige görä, deslapdan, ýöne bu barada çözgüdiň kabul edilen pursatyndan başlap 24 sagatdan gijä galman bir-birine diplomatik kanallar boýunça habar bererler.

15- madda

Taraplaryň Daşary işler ministrlikleri şu Ylalaşygyň täsiri degişli edilýän resmi kagyzlaryň nusgalaryny diplomatik kanallar boýunça alyşýarlar.

Taraplar şu maddada aýdylyp geçilen täze resmi kagyzlary güýje girizen halatynda Taraplar olar güýje girizilmezden azyndan 1 (bir) aý öňünden bu resmi kagyzlaryň nusgalaryny diplomatik kanallar boýunça alyşýarlar.

16-madda

Şu Ylalaşyga Taraplaryň ylalaşmagy boýunça üýtgetmeler we goşmaçalar girizilip bilner, şolar bolsa şu Ylalaşygyň aýrylmaz bölegi bolup durýan aýratyn protokollar arkaly resmileşdirilýär we şu Ylalaşygyň 18-maddasynda aýdylyp geçilen tertipde güýje girýär.

17- madda

Eger başga şertleşik gazanylmasa, Taraplar zerurlyga görä şu Ylalaşygyň ýerine ýetirilişiniň barşyny seljermek we şunuň bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin nobatma-nobat Aşgabatda we Bakuda pikir alyşmalary geçirerler.

Şu Ylalaşygyň düzgünlerini ýerine ýetirmegiň ýa-da ulanmagyň barşynda ýüze çykýan islendik çaprazlyklar ýa-da jedelli meseleler Taraplaryň arasynda pikir alyşmalary ýa-da gepleşikleri geçirmek arkaly çözüler.

18- madda

Şu Ylalaşyk oňa gol çekilen gününden başlap ulanylýar, Taraplaryň içerki döwlet amallaryny ýerine ýetirendigi barada soňky ýazmaça habarnamanyň alnan senesinden başlap güýje girýär we Taraplaryň biriniň şu Ylalaşygyň hereketini bes etmek baradaky öz meýli hakynda beýleki Tarapyň resmi habarnamasyny alan gününden başlap otuz gün geçýänçä hereket edýär.

Baku şäherinde 1999-ýylyň " 03 "awgustynda her biri türkmen, azerbaýjan we rus dillerinde iki asyl nusgada amal edildi, özi-de ähli tekstleriň birmeňzeş güýji bardyr.

Şu Ylalaşgyň düzgünlerine düşündiriş bermek maksady bilen rus dilindäki tekst peýdalanylýar.

Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan	**Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan**

Raýatlaryň birek-biregiňkä gitmegi hakynda
Türkmenistanyň Hökümeti bilen Azerbaýjan
Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga
1- goşundy

Türkmenistanyň raýatlarynyň Azerbaýjan Respublikasynyň çäklerine gelmegi, çäklerinden gitmegi

we çäkleri boýunça hereket etmegi üçin
resmi kagyzlaryň

SANAWY

1. Türkmenistanyň diplomatik pasporty;
2. Türkmenistanyň gulluk pasporty;
3. Türkmenistanyň raýatynyň pasporty;
4. Türkmenistanyň raýatlygy hakynda ýazgysy ýa-da belligi bolan, ozalky SSSR-iň nusgasyndaky umumyraýat daşary ýurt pasporty;
5. Howa gämisiniň ekipažynyň agzasynyň uçuş şahadatnamasy (ýolda ekipažyň düzüminde bolan wagty);
6. Deňizçiniň pasporty;
7. Hökümetara feldýegerçilik gullugynyň işgäriniň şahsyýetine güwä geçýän şahadatnama;
8. Türkmenistana gaýdyp gelnendigi üçin şahadatnama (diňe Türkmenistana gaýdyp gelmek üçin).

Raýatlaryň birek-biregiňkä gitmegi hakynda
Türkmenistanyň Hökümeti bilen Azerbaýjan
Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga
2- goşundy

Azerbaýjan Respublikasynyň raýatlarynyň
Türkmenistanyň çäklerine gelmegi, çäklerinden
gitmegi we çäkieri boýunça hereket etmegi üçin
resmi kagyzlaryň

SANAWY

1. Azerbaýjan Respublikasynyň diplomatik pasporty;
2. Azerbaýjan Respublikasynyň gulluk pasporty;
3. Azerbaýjan Respublikasynyň umumyraýat daşaryýurt pasporty;
4. Azerbaýjan Respublikasynyň raýatlygy hakynda ýazgysy ýa-da belligi bolan,
ozalky SSSR-iň nusgasyndaky umumyraýat daşary ýurt pasporty;
5. Howa gämisiniň ekipažynyň agzasynyň uçuş şahadatnamasy (ýolda ekipažyň düzüminde bolan wagty);
6) Deňizçiniň kitapçasy;
7) Hökümetara feldýegerçilik gullugynyň işgäriniň şahsyýetine güwä geçýän şahadatnama;
8) Azerbaýjan Respublikasyna gaýdyp gelnendigi üçin şahadatnama (diňe Azerbaýjan Respublikasyna gaýdyp gelmek üçin)